The Information neşiriniň habaryna görä, OpenAI kompaniýasy Apple-iň ozalky baş dizaýneri Jonny Ive-a degişli bolan io Products başlangyjyny satyn almak pikirini edýär.

Maglumatlara görä, geleşigiň bahasy 500 million ABŞ dollaryna deň bolup biler. io Products belli bir emeli intellekt (AI) enjamyny taýýarlaýar. “Sarp ediji AI enjamy” bilen bagly ähli işler Jonny Ive-yň Apple-den aýrylandan soň esaslandyran LoveFrom dizaýn studiýasynyň üstünde.

Enjam hakyndaky bilinýän zat — onuň ulanyjylara gündelik işlerde kömek etmelidigidir. OpenAI bolsa bu “akylly” enjam üçin AI algoritmlerini işläp düzer.

Ýöne kompaniýalaryň birleşen ýagdaýynda planlary näme we enjamyň näçe mukdarda öndüriljekdigi bilen bagly maglumat ýok.

Все права защищены